*9-njy tema*: **Türkmen Türkçesinde kip kategorisi, haber ve tasarlama kipi** (Türkmen dilinde işligiň şekilleri we habarlyk kategoriýasy)

**Dersiň maksady:**

- ✓ talyplara türkmen diliniň fonetik, morfologik we grammatik gurluş aýratynlyklaryny öwretmek;
- ✓ talyplara türkmen diliniň sözlük hazynasyny we semantik aýratynlyklary öwretmek;
- ✓ talyplara türkmen dilinde dürli temelar boýunça öz pikirlerini yzygiderli, logiki taýdan dogry beýan etmekligi öwretmek,
- ✓ talyplara türkmen diliniň dürs ýazuw düzgünlerini öwretmek;
- ✓ olara orfografik taýdan ýalňyşsyz beýan etmegiň tärlerini öwretmek;
- ✓ talyplaryň türkmen dilinde sözleýiş medeniýetini we ýazuw endiklerini hem-de başarnyklaryny ösdürmek;
- ✓ dersde türkmen dilini we edebiýatyny oňat öwretmek üçin talyplaryň özara işjeňligini ýola goýmak;
- ✓ türkmen dili we edebiýat sapaklarynda tehniki serişdelerden peýdalanmak;
- ✓ türkmen dili we edebiýaty dersleriniň üsti bilen talyplarda watansöýüjiligi, zähmetsöýerligi, agzybirligi, ahlaklylygy, ynsaplylygy, türkmen milli we dünýä gymmatlyklaryna buýsanç, gözellige söýgi duýgularyny terbiýelemek.

**Dersiň wezipeleri**:

- talyplaryň türkmen diliniň fonetik, morfologik we grammatik başarnyklaryny ösdürmek;
- talyplaryň sözleýiş dilini kämilleşdirmek;
- talyplaryň ýazuw we hatdatlyk endiklerini ösdürmek,
- talyplaryň sözlük üstünde özbaşdak işlerini kämilleşdirmek
- talyplaryň okama we düşünme ukyplaryny ösdürmek;
- talyplaryň gürrüň berme we ýazyp beýanetme endiklerini kämilleşdirmek;
- söz öwrenme endiklerini artdyrmak;
- terjime etme ukyplaryny ösdürmek…

**Dersiň görnüşi**:

- dilden düşündirme;
- ýazuwdan beýanetme;
- sorag-jogap arkaly berkitme;
- shemaly we tablisaly düşündirme;
- tehniki serişdeler arkaly düşündirme;
- ýumşuň kömegi bilen geçileni gaýtalama…
- öý işi tabşyrma…

**Dersiň ýörelgeleri**:

- türkmen filologiýasy baradaky bilimiň mazmuny bilen onuň beýan edilişiniň bitewiligini gazanmak,
- türkmen diliniň beýleki dersler we durmuş bilen baglanyşygyny üpjün etmek;

- edeplilik, dogry sözlülik, ynsanperwerlik, yzygiderlilik, sylag-hormat we ýaş aýratynlyklara dogry gelmek.
- ders we durmuş, teoriýa we praktika gatnaşygy esasynda olaryň özara baglanyşygyny üpjün etmek…

**Dersiň usullary:**

- talyplaryň özbaşdak işleri we ýumuşlary barlag etmek;
- **ACTIV Studio** we **Power Point** maksatnamalaryndan peýdalanmak,
- türkmen filologiýasy boýunça öwredilýän temanyň prezentasiýasyny geçirmek,
- diliň grammatik kategoriýalary bilen baglanyşykly kynçylyklarda **„akylly sagady”, “akylly kompasy” “akylly şejeräni“** kömege çagyrmak,
- talyplaryň arasynda özara pikirlenme minutlaryny geçirmek;
- talyplaryň logiki yzygiderliligine, subut edijiligine ünsi güýçlendirmek;
- Dersde düşnükliligi we aýdyňlygy üpjün etmek...

**Dersiň görkezme esbaplary:**

- okuw kitaplary,
- gepleşik gollanmalary,
- ýazdyrylan ylmy çeşmeler,
- usuly gollanmalar,
- ses ýazgylary,
- degişli suratlar,
- tablisalar, çyzgylar,
- sözlükler,
- metbugat maglumatlary.

## ❖ IŞLIK ŞEKILLERI

- ✓ Şekil ýasaýjy goşulmalar işlikleriň sözlemde ulanylyşynda uly orna eýedir. Işlikleriň başga sözlere, sözleme birikmegi, baglanmagy üçin haýsy-da bolsa bir şekil ýasaýjy goşulmany kabul edip, onuň barlyk ýa-da ýokluk galypynda gelmegi hökmany şertdir.

- ✓ Sözlemde ulanylan işlik hökman belli bir, diňe bir şekil ýasaýjy bilen üýtgändir. Hiç bir şekil ýasaýjysy bolmadyk işlik sözlemde bolup bilmez. Türkmen dilinde işlikler diňe bir şekil ýasaýjy goşulmany kabul edip bilýärler, iki şekil ýasaýjy birbada bir söze tirkeşdirilip goşulyp bilmeýär.

- ✓ Türki dillerde işlik şekilleriniň ulanylyşynyň deňeşdirme derňewini geçiren alymlar garyndaş türki dilleriň käbirinde, meselem, azerbaýjan dilinde bir söze yzly-yzyna iki şekil ýasaýjynyň goşulýandygyny belläpdirler. (Seret: B. Hojaýew, Türki dillerde işligiň şert we arzuw aňladýan formalary, Aşgabat, 1977, 9s.) görmek bolýar. Emma beýle ýagdaýa türkmen diliniň kadalarynda ýol berilmeýär.

- ✓ Şeýlelikde, işlik şekillerini ýasaýjy goşulmalaryň esasy hyzmaty- işligi beýleki sözlere, sözleme baglamakdyr, ýagny bu goşulmalar sözlemiň hasyl bolmagyna hyzmat edýärler. Diýmek, işlikler söz topary üçin şekil ýasaýjy goşulmalaryň edil atlardaky degişlilik we düşüm goşulmalarynyň söz üýtgedijilikbaglaýjylyk hyzmaty ýaly ähmiýeti bar.

- ✓ Sözlere goşulyş mümkinçiligi taýdan hem sintaktik baglanyşyga-gatnaşyga hyzmat edýän goşulmalaryň hemmesiniň aňladýan manylaryna grammatik many diýilýär we olar leksik many- zat, düşünje, alamat, aýratynlyk, hal, hil, mukdar, ýagdaý, hereket atlaryn diýlip atlandyrylýarlar we söz ýasaýjy goşulmalaryň hatarynda öwrenilýärler. Emma olaryň dilde tutýan orny boýunça işlikleriň sözleme baglanmagyna, ýagny sintaktik gatnaşyga hyzmat edýändigini nazarda tutsaň,

şekil ýasaýjylar üýtgediji goşulmalara degişli edilmelidir. Olar ähli işliklere uniwersal goşulyşy taýdan hem söz üýtgedijilere meňzeýärler. Şol bir şekil ýasaýjynyň goşulmagy bilen ony kabul eden işlikleriň hemmesi şol bir umumy grammatik mana eýe bolýarlar.

- ✓ Türkmen dilinde işlik şekilleriniň birnäçesi bardyr:

- ❖ **1.Işligiň öten zaman şekili**
- ❖ **2. Işligiň häzirki zaman şekili**
- ❖ **3. Işligiň mälim geljek zaman şekili**
- ❖ **4. Işligiň nämälim geljek zaman şekili**
- ❖ **5. Işligiň şert şekili**
- ❖ **6. Işligiň buýruk şekili**
- ❖ **7. Işligiň arzuw-isleg şekili**
- ❖ **8. Işligiň nämälim (infinitiw) şekili**
- ❖ **9. Işligiň hyýal şekili**
- ❖ **10. Işligiň öten zaman ortak işlik şekili**
- ❖ **11. Işligiň häzirki zaman ortak işlik şekili**
- ❖ **12. Işligiň mälim geljek zaman ortak işlik şekili**
- ❖ **13. Nämälim geljek zaman ortak işlik şekili**
- ❖ **14. Hal işlik şekili**
- ❖ **15. Iş atlary şekilleri**

- ✓ Agzalan şekilleriň hemmesi düýp işlige goşulyp ulanylýar. Işlikleriň hemmesine barlyk ýa-da ýokluk galyplarda goşulyp bilýärler. Diňe nämälim geljek zaman ortak işlik şekiliniň barlyk

we ýokluk galypynyň goşulmalary (-ar/-er, maz/-mez goşulmasy bilen ýasalan işlik şekiliniň atlara baglanmagy arkaly aňladylýar) güler ýüz, akar suw, sönmez söýgi, synmaz erk...) hemme işlikler bilen ulanylyp bilmän, sözlere goşulyşynda çäklidir. Bular işlik söz toparynyň dürli manyly grammatik kategoriýalarydyr.

- ✓ Bu şekilleriň hersiniň esasy aňladýan grammatik manysyndan başga-da, sözlemde, belli-belli sözler bilen ulanylanda eýe bolýan goşmaça many öwüşginleri bolýar. Sözleriň biri-biri bilen baglanyşanda aňladylýan manylaryň köp dürlüligine göz ýetirmek heniz hiç kime başartmaýar. Şol sebäpli her bir aýratyn formal-grammatik görkeziji (goşulma) bilen ýasalan şekiliň hemme manylary onuň içinde öwrenilmelidir. Üstesine-de sözleriň ýasalyşy, şekillenişi, üýtgeýşi morfologiýada öwrenilýär. Morfologiýa ‖morfemalary‖ (grekçe ‖forma‖ sözünden) –diliň many aňladýan iň kiçi bölekleri öwrenýär. Şulara esaslanyp türkmen diliniň morfologiýasynyň gaýragoýulmasyz meseleleriniň birine üns çekmekçi. Mekdep grammatikasynda, 6-njy synpda ‖işligiň rugsat-ejaza şekili‖ (alaýaýyn, alaýalyň, alaýsana...), ‖işligiň alkyş-gutlag şekili‖ (Toýuňyz mübärek bolsun) atlandyrylan täze şekiller özbaşdak formal görkezijä (goşulma, şekile) eýe däldir. Olar aslynda buýruk şekiliniň many öwüşginleridir.

- ✓ Türki dillerde, şol sanda türkmen dilinde-de sözleriň many tarapy has ösendir. Şekil ýasaýjylaryň her bir many öwüşginini aýratyn atlandyrmak olaryň tapawutlandyrylyşynda, ulanylyşynda bulaşyklyk döreder. Şekilleriň sanyny artdyrmaly bolsa, öten zamanyň we häzirki zamanyň çylşyrymly goşulmalar arkaly şekillenýän, ylmy grammatikada ‖hekaýa öten zaman‖, ‖mälim dowamly öten zaman‖, ‖daş öten zaman‖, ‖çaklama häzirki zaman‖ ýaly özbaşdak goşulmasy bolan görnüşlerini aýratyn şekil hasap etmek bolar. Sebäbi olaryň aýratyn goşulmalary-şekili bar. Emma bir goşulmanyň aýryaýry manylaryny başga-başga zatlar hökmünde tapawutlandyrmak maksada laýyk däldir.

- ✓ Ýokarda agzalan mekdep grammatikasyna täze goşulan şekiller, ikibaşdan, rugsat-ejaza we alkyş-gutlag aňlatmagyň hemme görnüşlerini öz içine alyp bilmändir. Bu meselede

kesgitli bir ýörelgäni saklamak- diňe grammatik görkezijä-goşulma esaslanmak dogry netije berer. Şonuň ýaly-da mekdep grammatikasynda zaman şekilleri işlik şekillerinden aýry, başga bir zat ýaly düşündirilýär. Emma zaman şekilleri-de, zaman aňlatmaýan şekiller-de, ortak we hal işlik şekilleri-de, hatda iş atlary-da işlik söz toparynyň grammatik many aňladýan hususy kategoriýalarydyr. Biziň pikirimizçe, işliklerde şekil kategoriýasy edil atlaryň düşüm ýa-da degişlilik kategoriýasy ýaly orna we hyzmata eýedir.

- ✓ Düşümleriň atlary sözlemdäki beýleki sözlere baglaýşy ýaly, şekil ýasaýjylar işlikleriň sözleme baglanmagyny üpjün edýärler.

- ✓ Atlaryň sözlemdäki beýleki sözlere bolan grammatik gatnaşyklary alty sany işjeň düşüm we birnäçe sözsoňy kömekçiler, tertip arkaly amala aşyrylýan bolsa, işlikleriň sözleme gatnaşygy ýokarda sanalan on bäş sany şekil we olaryň otuza ýakyn formal görkezijileri arkaly bolýar.

- ✓ Şekil ýasaýjyny kabul eden işlik sözlemde kesgin şol şekilde bolmaga hukuk alýar, gutarnykly grammatik şekile eýe bolýar, şol orunda başga şekilleri kabul etmeýär.